**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2019 -njy ýylyň 10-njy oktýabryndaky № 95 buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№1-ab "Üsti açylan administratiw düzgün bozulmalaryň we administratiw jogapkärçilige çekilen adamlaryň sany barada hasabat" (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

№ 1-ab "Üsti açylan administratiw düzgün bozulmalaryň we administratiw jogapkärçilige çekilen adamlaryň sany barada hasabat" statistiki formany edaralar we administratiw hukuk bozulmalar hakyndaky işlere seretmäge ygtyýarly wezipeli adamlar tarapyndan ýylda bir gezek doldurylýar.

Administratiw düzgün bozulmalar hakyndaky işlere seretmäge ygtyýarly edaralaryň sanawy Goşundyda görkezilýär.

№ 1-ab forma üsti açylan düzgün bozulmalaryň we administratiw jogapkärçilige çekilen adamlaryň sany, administratiw jeza çäreleri hakyndaky, berilen käýinçleriň we salynan jerimeleriň jemi hakyndaky görkezijileri özünde jemleýär.

№ 1-ab formanyň doldurylyşy aşakdaky ýaly amala aşyrylýar.

A-sütüninde Kodeksiň administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky degişli maddasynyň ady ýazylýar, maddalarda bölümler bar bolanda degişli maddanyň ady we bölümiň belgisi görkezilýär.

B-sütüninde bolsa Kodeksiň A-sütüninde görkezilen maddasynyň adyna laýyklykda onuň belgisi ýazylýar ( maddalarda bölümler bar bolanda degişli maddanyň ady we bölümiň belgisi görkezilýär).

1-nji sütünde hasabat döwründe ýüze çykarylan düzgün bozulmalarynyň sany görkezilýär. Egerde, düzgün bozulmalary ýüze çykarylyp, ýöne hasabat döwründe ol işe seretmeklik tamamlanmadyk bolsa, onda ol diňe 1-nji sütünde hasaba alynýar we 2-nji hem soňky sütünlerde görkezilmeýär. Bu düzgün bozulmasy haçan-da bu iş boýunça karar çykarylandan soň geljekki hasabat döwründe 2-18-njy sütünlerde görkezilmelidir we 1-nji sütünde gaýtalap görkezilmeli däldir. Hasabat berýän edaralary tarapyndan üsti açylan we işi tamamlamak üçin beýleki edaralara geçirilen düzgün bozulmalary boýunça maglumatlar diňe 1-nji sütünde görkezilýär we tersine, hasabat berýän edara karar çykarmak üçin beýleki edaralara geçirilen düzgün bozulmalary boýunça diňe 2-18-nji sütünleri doldurylýar we olary 1-nji sütünde görkezmeýär. Egerde edara düzgün bozulmalaryna diňe seretmek ýa-da ony ýüze çykarmak ynanylan bolsa, onda degişli sütünlere çyzyk goýulýar.

2-6-njy sütünlerde administratiw çäreleri görmek hakynda (3-nji sütün) degişli karar (çözgüt) çykarylan adamlaryň sany hakyndaky, işiň jemgyýetçilik edara, zähmetkeşler toparlaryna garamagyna geçirilmegi (4-nji sütün), materiallaryň prokurora, deslapky derňew edaralaryna (5-nji sütün) geçirilmegi we beýleki ýagdaýlar (6-njy sütün) sebäpli administratiw iş boýunça önümçiligiň bes edilmegi hakyndaky maglumatlar görkezilýär.

3-6-njy sütünler boýunça maglumatlaryň jemi 2-nji sütüne deň bolmaly. 7-15-nji sütünlerde administratiw jeza çärelerini ulanylan şahslaryň sany boýunça maglumatlar görkezilýär. 3-nji sütünde salynan adminstratiw temmileriň umumy sany, görnüşleri boýunça bölünşikde (7-15 süt.) görkezilýär: duýduryş bermek (7-nji sütün), jerime salmak (8-nji sütün), närseleri muzdsuz almak (9-njy sütün), närseleri tölegli almak (10-njy sütün), ýörite hukugyny çäklendirmek (11-nji sütün), jemgyýetçilik işleri (12-nji sütün), administratiw tussaglyk (13-nji sütün), administratiw taýdan çykarmak (14-nji sütün) we administratiw taýdan işi togtatmak (15-nji sütün).

Goşmaça administratiw hökmünde predmetiň muzdsuz ýa-da muzdly elinden almak çäresi ulanylan şertlerinde 7-15-nji sütünlerde şol çärelere degişli esasy administratiw çäreler bilen bilelikde görkezilýär.

16-17-nji sütünlerde salynan we üzdürilen jerimäniň (şol sanda, geçen hasabat döwründe amala aşyrylan düzgün bozulmalar üçin) jemi hakyndaky maglumatlar görkezilýär.

18-nji sütünde möhletiniň geçenligi sebäpli karar (çözgüt) kabul edilmedik düzgün bozulmalaryň sany hakyndaky maglumatlar görkezilýär.

Hukuk bozulmalary ujypsyz bolan ýagdaýynda işiň seredilýän döwründe (dilden duýduryş berilende) administratiw çäre görülmeýär we degişli düzgün bozulmalary hasabatda görkezilmeýär.

Garşylyk görkezilmeginiň ýa-da şikaýatlaryň kanagatlandyrylan ýagdaýynda düzgün bozulmalary hasapdan çykarylýar we bellenilen tertipde hasapdan aýrylýar.

Hasabatyň 02-15-nji setirlerde hereket edýän Kodeksiň maddalaryna laýyklykda hukuk bozulmalaryň görnüşleri boýunça görkezilýär.

1-18-nji sütünleriň 01-nji setiri doldurylan setirler boýunça degişli sütünleriň jemini görkezýär.

**Durmuş statistika müdirligi**